# ÖSÜMLIK BEDENINIŇ (ORGANIZMINIŇ) ÖÝLÜKLI GURLUŞY

Ösümligiň ýaşaýşyny gowy bilmek üçin onuň diňe daşky gurluşyny öwrenmän onuň içki gurluşyny hem öwrenmek zerurdyr.

Ösümligiň daşky we içki gurluşyny ***lupa*** we ***mikroskop*** diýilýän ýörite ulaldyjy abzallaryň kömegi bilen öwrenilýär.






# LUPANYŇ GURLUŞY.
# ÖSÜMLIGIŇ GURLUŞYNA LUPA BILEN SERETMEK

*Lupa* - maýdaja zatlary ulaldyp görkezýän abzaldyr. Ol ulaldyjy aýnadan we we onuň daşyna geýdirilen saplyja halkadan ybaratdyr. Onuň iki ýüzi hem az-kem güberçekdir. Şunuň ýaly ýönekeý guralan lupa el lupasy diýilýär. Lupalar ýönekeý göze kiçijik bolup görünýän zatlary 3-5 esse ulaldyp görkezýärler.











Mikroskop birnäçe ulaldyjy aýnalary bolan çylşyrymly abzaldyr. Ol ýönekeý göze görünmeýän we lupada seredip bolmaýan iňňän kiçijik zatlary ulaldyp, has gowy görmäge mümkinçilik berýär. Mikroskop seredilýän jisimi 10-larça, 100-lerçe esse ulaldyp görkezýär. Häzirki wagtda jisimi 50-60 müň esse ulaldyp görkezýän mikroskoplar-da oýlanyp tapyldy. Oňa mysal edip elektron mikroskopyny görkezmek bolar.









# ÝAGTYLYK MIKROSKOPYNYŇ GURLUŞY






1 - okulýar;
2 - görüş turbajygy;
3 - obýektiw;
4 - söýeg;
5 - jisim goýülýan stoljyk;
6 - aýna;
7 - nurbat.

